Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 6-njy martynda 633 san bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 8-nji fewralyndaky № 12-Ö buýrugy bilen tassyklandy

# Täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty 13

# „ÝERLEMEK ÜÇIN NIÝETLENEN UZAK MÖHLETLI AKTIWLER“

**Mazmuny** **Bölümleriň №**


Umumy düzgünler..................................................................1-4
Kesgitlemeler.........................................................................5
Topara bölmek...................... .....................................................6-14
Ykrar etmek we baha bermek....................................................15-21
Ykrar etmegi bes etmek (gaýtadan topara bölmek)......................22-25
Maglumaty açmak ....................................................................26-27
Güýje girýän senesi ......................................................................28


## UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu standartyň maksady ýerlemek üçin niýetlenen aktiwleri hasaba almagyň, şeýle hem şular ýaly aktiwler baradaky maglumatlary bermegiň we açmagyň tertibini kesgitlemek bolup durýar. Hususan-da, şu standart:

a) ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölmegiň ölçeglerine laýyk gelýän aktiwleriň, ýerlemek üçin çykdajylary aýyrmak bilen iň pes balans we adalatly gymmaty boýunça baha berilmegini we şular ýaly aktiwlere ulanyş tutumyny hasaplap ýazmagyň bes edilmegini; we

b) ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölmegiň ölçeglerine laýyk gelýän aktiwleriň maliýe ýagdaýy barada hasabatda aýratynlykda görkezilmegini talap edýär.

2. Şu standartda göz öňünde tutulan topara bölmäge we maglumatlary görkezmäge bildirilýän talaplaryň ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölmegiň ölçeglerine laýyk gelýän ykrar edilen uzak möhletli aktiwleriň ählisine degişlilikde ulanylýar.

3. „Maliýe hasabatlylygyny bermek“ milli standartyna laýyklykda uzak möhletli hökmünde topara bölünen aktiwler şu standarta laýyklykda ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölmegiň ölçeglerine laýyk gelýänçä gysga möhletli aktiw görnüşinde gaýtadan topara bölünmeli däldir.

4. Kärhana tarapyndan adatça, diňe soňundan ýerlemek maksady bilen satyn alnan uzak möhletli aktiwler hökmünde seredilýän aktiwler şu standarta

laýyklykda ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölmegiň ölçeglerine laýyk gelmeýän bolsa, gysga möhletli aktiw hökmünde gaýtadan topara bölünmeli däldir.

## KESGITLEMELER

5. Şu standartda aşakdaky adalgalar görkezilen manylarynda ulanylýar:

**Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiw -** ýerlemek ýoly bilen çykyp gitmäge degişli aktiw (aktiwler topary). Ýerlemek amallary „Esasy serişdeler“ milli standartyna, „Maddy däl aktiwler“ milli standartyna laýyklykda çalyşmagyň täjirçilik mazmuny bar bolanda, uzak möhletli aktiwleriň beýleki uzak möhletli aktiwlere çalşylmagyny öz içine alýar.

**Uzak möhletli aktiw –** gysga möhletli aktiw kesgitlemesine laýyk gelmeýän aktiw.

**Gysga möhletli aktiw –** kärhana aktiwi gysga möhletli hökmünde aşakdaky ýagdaýlarda topara bölmelidir, haçan-da:

a) aktiwiň kärhananyň kadaly amallar döwrüniň barşynda ýerlenmegi göz öňünde tutulýan, ýagny, ýerlemek üçin ýa-da peýdalanmak üçin niýetlenen bolsa;

b) onuň esasan, söwda üçin niýetlenen ýagdaýynda;

ç) aktiwi hasabat senesinden soňky on iki aýyň dowamynda ýerlemek göz öňünde tutulýan bolsa; ýa-da

d) aktiw pul serişdelerinden ybarat bolsa ýa-da aktiw pul serişdeleriniň ekwiwalenti bolup durýan bolsa, eger iň bolmanda hasabat senesinden soňky on iki aýyň dowamynda ony çalyşmak ýa-da borçnamalary üzmek üçin peýdalanmak babatynda çäklendirmeler ýok bolsa.

**Kesgitli şertler bilen satyn almak boýunça borçnamalar –** baglanyşykly tarap bilen iki tarapy hem borçlandyrýan we adatça, hukuk taýdan berkidilen ylalaşyk bolup, amallaryň bahasyny we wagtyny goşmak bilen, ähli möhüm şertleri kesgitleýär we ýerine ýetirilmezliginiň öňüni alýan serişdeleri öz içine alýar, bu serişdeler borçnamanyň ýerine ýetirilmeginiň ýokary derejede ähtimallygyny gazanmak üçin ýeterlik derejede düýpli bolup durýar.

**Ýerlemek üçin çykdajylar –** aktiwiň (ýa-da çykyp gidýän topar) çykyp gitmegi bilen gönüden-göni baglanyşykly goşmaça harajatlar, maliýeleşdirmek we peýdadan alynýan salgyt boýunça çykdajylar muňa girmeýär.

**Adalatly gymmat –** gowy habarly, şunuň ýaly amaly geçirmek isleýän garaşsyz taraplaryň arasynda geleşikler geçirilende aktiwi çalşyp bolýan ýa-da borçnama boýunça hasaplaşyklary geçirip bolýan pul möçberi.

**Öwezi dolunýan gymmat –** şu iki möçberiň ulusy, ýagny, ýerlemek üçin çykdajylary aýyrmak bilen, aktiwiň adalatly gymmatynyň ýa-da ony peýdalanmakdan alynýan gymmatyň.

## TOPARA BÖLMEK

6. Kärhana peýdalanylmagy bes edilmeli bolan uzak möhletli aktiwi (ýa-da çykyp gidýän topary) ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölmeli däldir,

sebäbi onuň balans gymmaty, esasan, dowam edýän peýdalanma ýoly bilen öwezi dolunar. Peýdalanylmagy bes edilmeli bolan uzak möhletli aktiwler (ýa-da çykyp gidýän toparlar) peýdaly ulanylýan möhletiniň ahyryna çenli peýdalanyljak uzak möhletli aktiwleri (ýa-da çykyp gidýän toparlary) we ýerlenmeli däl-de, ýapylmaly uzak möhletli aktiwleri (ýa-da çykyp gidýän toparlary) öz içine alýar.

7. Kärhana uzak möhletli aktiwi (ýa-da aktiwler toparyny), onuň balans gymmatynyň öwezi, esasan, dowam edýän peýdalanmak arkaly däl-de, ýerelemegiň hasabyna dolunjak bolsa, ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölýär.

8. Munuň üçin aktiw (çykyp gidýän topar) häzirki ýagdaýynda we şunuň ýaly aktiwler (ýa-da çykyp gidýän toparlar) ýerlenende adaty we hökmany bolan şertlerde haýal etmän ýerlemek üçin bar bolmalydyr we ony ýerlemek ýokary derejede ähtimal bolmalydyr.

9. Ýerlemegiň ýokary derejede ähtimal bolmagy üçin ýolbaşçylygyň degişli derejesi aktiwi (ýa-da çykyp gidýän topary) ýerlemegiň meýilnamasyny kabul etmelidir we satyn alyjyny gözlemegiň we meýilnamany ýerine ýetirmegiň aktiw maksatnamasy başlanmalydyr. Munuň üstesine hem aktiwi (ýa-da çykyp gidýän topary) onuň häzirki adalatly gymmaty bilen deňeşdirilende esasly bolup durýan bahadan ýerlemek boýunça iş işjeň alnyp barylmalydyr. Muňa goşmaça, ýerlemek topara bölünen senesinden soňky bir ýylyň dowamynda gutarnykly ýerleme hökmünde ykrar etmek üçin talaplary kanagatlandyrar diýen garaşma bolmalydyr we ýerlemek boýunça meýilnamany ýerine ýetirmek üçin talap edilýän hereketler meýilnamada degerli üýtgetmeleriň ýa-da onuň ýatyrylmagynyň ähtimallygynyň ujypsyzdygyny görkezmelidir.

10. Golçur kärhana gözegçiligiň ýitirilmegini göz öňünde tutýan meýilnamany ýerine ýetirýän kärhana şunuň ýaly golçur kärhananyň ähli aktiwlerini we borçnamalaryny, ýokarda görkezilen şertler ýerine ýetirilen ýagdaýynda, kärhananyň ýerlenenden soň ozalky golçur kärhanada azlyk paýyny saklap galýandygyna ýa-da galmaýandygyna garamazdan, ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde ykrar etmelidir.

11. Wakalaryň ýa-da ýagdaýlaryň täsiri bilen ýerlemegiň tamamlanmaly möhleti bir ýyldan ýokary bolup biler. Ýerlemegi tamamlamak üçin talap edilýän döwrüň uzalmagy, eger gijä galynmagynyň sebäbi kärhana tarapyndan gözegçilik edilmeýän wakalar ýa-da ýagdaýlar bolup durýan bolsa we kärhananyň aktiwi (ýa-da çykyp gidýän topary) ýerlemek boýunça meýilnamany ýerine ýetirmegi dowam etdirjekdigine ýeterlik subutnama bar bolsa, aktiwiň (ýa-da çykyp gidýän toparyň) ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünmegine päsgel bermeýär. Görkezilen wakalaryň ýa-da ýagdaýlaryň ýüze çykýan şu halatlary döwri bir ýyl bilen çäklendirmek babatynda talaplardan çykma bolup durýar:

a) kärhananyň uzak möhletli aktiwi (ýa-da çykyp gidýän topary) ýerlemek meýilnamasyny ýerine ýetirmäge borçlanýan senesinde, ol beýleki tarap (satyn alyjy däl) aktiwiň (çykyp gidýän toparyň) berilmegine degişli şert belläp biler, bu bolsa ýerlemegi tamamlamak üçin talap edilýän döwrüň uzalmagyna getirer hem-de bu şertlere degişlilikde zerur bolan jogap hereketleriniň bir ýylyň dowamynda ýokary derejede ähtimal bolan, kesgitli şertler bilen satyn almak

boýunça borçnamanyň alynmaly wagtyna çenli başlanyp bilinmez diýip esasly garaşýar;

b) kärhana kesgitli şertleri bolan satyn almak boýunça borçnamany alýar we netijede satyn alyjy ýa-da beýleki tarap garaşylmadyk ýerden ozal ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen uzak möhletli aktiwiň (ýa-da çykyp gidýän toparyň) berilmegi babatynda şert goýýar, bu bolsa ýerlemegi tamamlamak üçin talap edilýän döwrüň uzalmagyna getirer. Şeýle hem bu şertlere garşy zerur bolan jogap hereketleri amala aşyrylýan we bökdeýän ýagdaýlaryň oňaýly çözülmegine garaşylýar;

ç) ilkibaşky döwrüň dowamynda bir ýylda ähtimallygy pes hasap edilen wakalar ýüze çykýar, şonuň netijesinde ozal ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen uzak möhletli aktiw (ýa-da çykyp gidýän topar) şol döwrüň ahyryna çenli ýerlenmän galýar, şeýle hem:

ilkibaşky döwrüň dowamynda bir ýylda kärhana ýagdaýlaryň üýtgemegine garşy zerur bolan jogap hereketlerini amala aşyrýar;

uzak möhletli aktiwi (ýa-da çykyp gidýän topary), ýagdaýlaryň üýtgemegini hasaba almak bilen, esasly bolup durýan bahadan ýerlemek boýunça işjeň iş alyp barýar.

12. Haçan-da kärhana uzak möhletli aktiwi (ýa-da çykyp gidýän topary) diňe soňundan çykarmak maksady bilen satyn alýan bolsa, onda ol uzak möhletli aktiwi (ýa-da çykyp gidýän topary), eger döwri bir ýyl bilen çäklendirmek boýunça talap ýerine ýetirilýän bolsa we şol senede kanagatlandyrylmadyk beýleki islendik ölçegiň satyn alnandan soň gysga wagtyň dowamynda (adatça üç aýyň dowamynda) kanagatlandyryljakdygy ýokary derejede ähtimal bolsa, satyn alnan senesinde ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölmelidir.

13. Eger aktiwi ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölmek üçin zerur bolan ölçegler hasabat döwri tamamlanandan soň kanagatlandyrylan bolsa, onda kärhana uzak möhletli aktiwi (ýa-da çykyp gidýän topary) şol döwrüň çykarylýan maliýe hasabatlylygynda ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölmeli däldir. Emma, eger bu ölçegler hasabat döwri tamamlanandan soň, ýöne maliýe hasabatlylygynyň çykarmak üçin tassyklanmazyndan oň kanagatlandyrylan bolsa, onda kärhana bu maglumaty belliklerde açmaga borçlydyr.

14. Uzak möhletli aktiw (ýa-da çykyp gidýän topar), haçan-da kärhananyň aktiwi (ýa-da çykyp gidýän topary) hususyýetçileriň peýdasyna paýlamak maksady bar bolanda, hususyýetçileriň peýdasyna paýlamak üçin niýetlenen hökmünde topara bölünýär. Munuň üçin bu aktiwler olary häzirki ýagdaýynda haýal etmän ýerlemek üçin bar bolmalydyr, paýlamak bolsa ýokary derejede ähtimal bolmalydyr. Paýlamagyň ýokary derejede ähtimal bolmagy üçin paýlamagy amala aşyrmak maksady bilen hereketler başlanmalydyr, paýlamagyň özi bolsa, garaşmalara laýyklykda, topara bölünen senesinden soň bir ýylyň dowamynda tamamlanmalydyr. Paýlamagy ýerine ýetirmek üçin talap edilýän hereketler paýlamakdaky degerli üýtgetmeleriň ýa-da onuň ýatyrylmagynyň ähtimallygynyň ujypsyzdygyny görkezmelidir. Paýdarlar tarapyndan makullanmagynyň ähtimallygyna paýlamagyň ýokary derejede ähtimallygyna baha bermegiň bir bölegi hökmünde seredilmelidir.

## YKRAR ETMEK WE BAHA BERMEK

15. Kärhana ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen uzak möhletli aktiwe (ýa-da çykyp gidýän topara), ýerlemek üçin çykdajylary aýyrmak bilen, balans we adalatly gymmatynyň iň pes derejesi boýunça baha berýär.

16. Kärhana paýlamak üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen uzak möhletli aktiwe (ýa-da çykyp gidýän topara), paýlamak üçin çykdajylary aýyrmak bilen, balans we adalatly gymmatynyň iň pes derejesi boýunça baha berýär.

17. Aktiwiň (ýa-da çykyp gidýän toparyň) ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde ilkibaşda topara bölünmeziniň öňýanynda aktiwiň (ýa-da çykyp gidýän toparyň) balans gymmatyna ýerlemek üçin çykdajylary aýyrmak bilen, balans we adalatly gymmatynyň iň pes derejesi boýunça baha berilmelidir.

18. Kärhana aktiwiň (ýa-da çykyp gidýän toparyň) gymmaty ilkibaşda ýa-da soňundan adalatly gymmata çenli islendik derejede azalanda gymmaty gaçmakdan çekilen ýitgini, ýerlemek üçin çykdajylary aýyrmak bilen, şu standarta laýyklykda ykrar edilmedik derejesinde ykrar etmelidir.

19. Kärhana aktiwiň (ýa-da çykyp gidýän toparyň) adalatly gymmatyndaky soňky islendik artmadan alnan peýdany ýerlemek üçin çykdajylary aýyrmak bilen, ýöne şu milli standarta ýa-da ozal „Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy“ MHMS-na laýyklykda ykrar edilen, gymmaty gaçmakdan çekilen toplanan ýitgiden ýokary bolmadyk pul möçberinde ykrar etmäge borçlydyr.

20. Uzak möhletli aktiwiň (ýa-da çykyp gidýän toparyň) ýerlenýän senesine çenli ykrar edilmedik peýda ýa-da ýitgi ykrar edilmegiň bes edilen senesindäki ýagdaýa görä ykrar edilmelidir.

21. Kärhana uzak möhletli aktiwiň ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünýän wagtynda ýa-da onuň ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen çykyp gidýän toparyň bir bölegi bolup durýan wagtynda bu aktiwden ulanyş tutumyny almaly däldir. Ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde çykyp gidýän toparyň borçnamalaryna degişli bolan göterimleri we beýleki çykdajylary ykrar etmeklik dowam etdirilmelidir.

## YKRAR ETMEGI BES ETMEK (GAÝTADAN TOPARA BÖLMEK)

22. Eger kärhana aktiwi (ýa-da çykyp gidýän topary) ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölýän bolsa, ýöne munuň üçin şu standartda göz öňünde tutulan ölçegler mundan beýläk kanagatlandyrylmaýan bolsa, onda kärhana aktiwi (ýa-da çykyp gidýän topary) ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölmegi bes etmelidir.

23. Kärhana ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünmegi bes edilen (ýa-da ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen, çykyp gidýän topara mundan beýläk girmeýän) uzak möhletli aktiwe:

a) aktiwiň (ýa-da çykyp gidýän toparyň) ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünmedik wagtyndaky, eger aktiwiň (ýa-da çykyp gidýän toparyň) ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünmedik bolsa ykrar edilip

bilinjek ulanyş tutumynyň ýa-da gaýtadan baha bermegiň pul möçberine düzedilen balans gymmatynyň; we

b) ýerlemezlik hakynda soňky çözgüdiň kabul edilen senesindäki ýagdaýa görä onuň öweziniň dolunýan gymmatynyň iň pes möçberi boýunça baha bermelidir.

24. Kärhana ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünmegi bes edilen uzak möhletli aktiwiň balans gymmatyna talap edilýän islendik düzedişleri ýerlemek üçin niýetlenen aktiwi ykrar etmegiň ölçegleriniň mundan beýläk kanagatlandyrylmaýan döwründe dowam edýän işden alynýan peýdanyň ýa-da ýitginiň düzümine goşmaga borçlydyr.

25. Eger kärhana aýratyn aktiwi ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen, çykyp gidýän topardan çykarýan bolsa, onda ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen, çykyp gidýän toparyň galan aktiwlerine, diňe bu toparyň şu standartda bellenen ölçeglere laýyk gelýän halatynda, geljekde hem topar hökmünde baha berilmelidir. Galan ýagdaýlarda, toparyň ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölme ölçeglerine aýratynlykda laýyk gelýän galan uzak möhletli aktiwlerine, şol senedäki ýagdaýa görä ýerlemek üçin çykdajylary aýyrmak bilen, balans we adalatly gymmatynyň iň pes möçberi boýunça aýratynlykda baha berilmelidir. Ölçeglere laýyk gelmeýän islendik uzak möhletli aktiwler mundan beýläk ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünmeli däldir.

## MAGLUMATY AÇMAK

26. Kärhana maliýe hasabatlylygyndan peýdalanyjylara uzak möhletli aktiwleriň (ýa-da çykyp gidýän toparlaryň) çykyp gitmeginiň maliýe netijelerine baha bermäge mümkinçilik berýän maglumaty görkezmelidir we açmalydyr.

27. Kärhana uzak möhletli aktiwleriň ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen ýa-da ýerlenen döwründe şu maglumatlary açmalydyr:

a) çykyp gidýän aktiwleriň ýa-da toparyň beýanyny;

b) ýerlemäge degişli ýa-da çak edilýän çykyp gitmä alyp barýan mysallaryň we ýagdaýlaryň we bu çykyp gitmegiň garaşylýan usulynyň we möhletleriniň beýanyny; we

ç) eger olar jemi peýda barada hasabatyň özünde görkezilen bolsa, ykrar edilen girdejini ýa-da ýitgini.

## GÜÝJE GIRÝÄN SENESI

28. Maliýe hasabatlylygynyň şu standarty 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.

## Goşundy

Şu standart maliýe hasabatlylygynyň halkara standarty 5 „Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler“ (IFRS 2009) laýyklykda işlenip taýýarlandy, şu aşakdakylardan başgasy:

käbir bölümlere olaryň has-da düşnükli bolmagy üçin düzediş girizildi;

bes edilen işe degişli düzgünler aýryldy;

ýokarda görkezilen aýyrmalar bilen baglanyşykly, maglumatlary açmaga bildirilýän käbir talaplar aýryldy.